# Dilleriñ ölmegi bilen öz kimliklerini ýitirýän halklaryñ sany-da barha artýar

Almanyñ “Frnakfurter Rundaschau” gazeti özüniñ 97-nji ýylyñ 22-nji awgust sanynda bu barada şeýle ýazýar:

Nobel edebi baýragynyñ eýesi Mekzikaly ýazyjy *Ostavo Pez*: «ölen her dil bilen adamzadyñ bir keşbi öçýär» diýp jaý ýerinde nygtaýar. Diller we şonuñ bilen birlikde bir halkyñ kimliginiñ saldamly bölegi geçen asyrlarda hiç haçan häzirkisi ýaly beýle çalt ýitip gitmändi. Mysal üçin mundan 10,000 ýyl ozal ýer ýüzünde 1 million çemesi ynsan ýaşaýarka 15,000 dil bolupdyr. Häzirki wagtda bolsa alymlaryñ çaklamalaryna görä ýer ýüzündäki dilleriñ sany 7000 töweregi. Almanyñ Bilefeld uniwersitetiniñ dilçi alymy lingivist *Christian Lehmnn*-nyñ pikriçe “geljek 100 ýylyñ dowamynda bularyñ hem üçden biri ýogalyp gider”.

Pesimistik çaklamalar hatta dilleriñ ýüzden 90-synyñ aradan gitjegini öñe sürýär. Düsseldorf-niñ Heinrich-Heine adyndaky uniwersitetiñ dilçi alymy *Dieter Wunderlich*-yñ pikriçe “aman galjak dilleriñ sany diñe 600”.

Herniçik-de bolsa, bir zat mese-mälim. Ol hem— tutuş dünýäde dilleriñ bir syýhylly ýogalyp gelýänligi. Bilermenler muny azlykda ýaşaýan milletleriñ agalyk sürýän rejimler tarapyndan ala tutulmagy bilen düşündirýärler.

Has-da beteri, Awstraliýa kontinentinde dilleriñ ölüp aradan gitmegi diýseñ aýlyganç. 18-nji asyryñ aýagynda ol ýerdäki dilleriñ sany 250 bolan bolsa, Lehmann-yñ aýtmagyna görä, bu gün indi diñe 25. İñ pajygalysy-da “Jaminjung” dili. Bu dilde gürleýänleriñ sany diñe 4 adam. Demirgazyk hem latin Amerikada-da Gyzyl derileriñ dilleri, agalyk edýän kloniýal güýçler tarapyndan yzygiderli basgylanyp geldi. Mysal üçin Guatemalada bolşy ýaly köp hökümetler uzak wagtlap diñe bir resmi dile rugsat etdiler. Bu kontinentde beýleki dilleriñ ýogalmagyna sebäp bolan ýewropa dilleri afrikada bolsa ýerli dil beýlekileri ýuwudýar. Şeýlelikde bu ýerde 1000 dilden häzir 220 dile çynlakaý ölüm howpy abanyp duwr.

**Bir diliñ ölmegi bilen şol dilde gürleýän adamlaryñ taryhy hakda hem maglumat edinmek mümkinçiligi-de ýitirýär. Filosof *Johan Gottfried von Herder*-iñ 18-nji asyrda belleýşi ýaly *«Bir halkyñ heý öz ene dilinden başga mähremm, eziz zady bolarmy? Olarıñ däp-dessury, taryhy, dini, durmuş prensipleri, pikir baýlyklary, ýüregi, ruhy, barja zady şonda ýaşaýar ahyryn.»***

***Makalaný ýollan:***

***Akmýrat Gürgenli***